# KÄR HÄSIÝETNAMASY

**Hünär:** 4.34.05.08 Agroekologiýa
**Kär:** alym agronom - ekolog

Şu kär häsiýetnamasy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde Agroekologiýa hünäri boýunça taýýarlanylýan alym agronom - ekologlaryň wezipelerini hem-de olaryň hünärine bildirilýän esasy talaplary kesgitleýär.

Kär häsiýetnamasy hünärmenleri taýýarlamagyň meýilnamasyny işläp düzmek, taýýarlanylmaly hünärmenleriň sanyny çaklamak, olaryň düzümini delillendirmek, ýokary okuw mekdebinde okuw-terbiýeçilik işlerini guramak, okuwyny tamamlan uçurymlaryň işlemeli ýerlerine ugradylyşyny, işe ýerleşdirilişini üpjün etmek we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň hünärlerine laýyklygyny seljermek üçin ulanylmalydyr.

## Hünärmeniň wezipesi

Hünärmen oba hojalyk önümçiligini dolandyrmak işini ýokary okuw mekdebinde alan bilim derejesine laýyklykda amala aşyrmak üçin taýýarlanylýar. Agroekologiýa hünäri boýunça hünärmen hünär işiniň aşakdaky wezipeleriniň çözgüdine taýýar bolmalydyr: agroekoulgamlaryň ýagdaýyny seljermäge, bahalandyrmaga, netije çykarmaga; oba hojalyk ekinleriniň meýilnamalaşdyrylan hasylyny almakda agrotehniki çäreleriň toplumyny işläp düzmäge we geçirmäge; tehnologiki prosesleri we ekoulgamlary modelirlemäge; ösümlikçilik önümlerini öndürmek we hojalyklaryň aýratyn şertlerinde topragyň hasyllylygyny ýokarlandyrmak üçin häzirki zaman ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary aýdyňlaşdyrmaga we ornaşdyrmaga; oba hojalyk maksatly ýerlerden netijeli peýdalanmaga; ýerleri meliorasiýa etmegiň görnüşlerini we usullaryny ulanmagyň aýratynlyklaryny kämilleşdirmäge; oba hojalyk ekinleriniň meýilnamalaşdyrylan hasylyny almak üçin dökünleriň we himiki meliorantlaryň möçberini kesgitlemäge; dökünleriň we himiki meliorantlaryň daşky gurşawa täsirini bahalandyrmaga; ösümliklerdäki nitratlaryň, pestisidleriň galyndylarynyň we agyr metallaryň mukdaryny kesgitlemäge; minerallary we dag jynslaryny tanamaga, geologiki hem-de geomorfologiki kartalary okamaga; toprakda, ösümliklerde we önümlerde zäherleýji maddalary kesgitlemäge; ekerançylyga ýaramsyz ýerleri dikeltmek boýunça çäreleriň ulgamyny işläp düzmäge; ykdysadyýetiň aýratyn şertleri üçin ösümlik görnüşlerini saýlamaga, oba hojalyk ekinleriniň tohumlyk görkezijilerini tassyklamaga, tohum we sortlara gözegçilik etmek üçin zerur resminamalary taýýarlamaga; ekin dolanyşygynyň, ekin meýdanlaryny we ösümlikleri goramagyň,

dökünlemegiň ulgamlaryny işläp düzmäge; ekin meýdanlarynda ösdürilip ýetişdirilýän miweleriň we gök-önümleriň hiline gözegçilik etmäge; ösümlikçilik önümlerini ilkinji gaýtadan işlemegiň hem-de saklamagyň usullaryny kesgitlemäge; önüm öndürmegiň we satmagyň ykdysady netijeliligini hasaplamaga; meýdan işleriniň, tehnikalaryň we enjamlaryň işleýşine tehnologiki gözegçilik etmäge.

Hünärmen oba hojalyk toplumyna degişli bolan ministrliklerde, pudaklarda, daýhan birleşiklerde, fermer hojalyklarda, Tebigaty goramak jemgyýetinde, tokaý hojalyklarda, pagta arassalaýjy we galla önümleri kärhanalarda, ylmy-barlag edaralarda öz hünäri boýunça ýokary bilimli hünärmenlere niýetlenen wezipeleri eýeläp biler.

## Hünärmene bildirilýän umumy talaplar

Hünärmen ýokary hünär taýýarlykly, medeniýetli we salyhatly, halkyň bähbidini arap bilýän, Watanymyza, halkymyza, Hormatly Prezidentimize wepaly, häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň talaplaryna, Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň syýasatlaryna dogry düşünýän we olary gyşarnyksyz durmuşa geçirip bilýän hünärmen bolmalydyr.

Hünärmen köpçülige ýolbaşçylyk etmegi, öz işgärlerini agzybirlik, maksada okgunlylyk ruhunda terbiýelemegi, nazary bilimini we tejribelik endiklerini yzygiderli hem-de üznüksiz kämilleşdirmegi, öz taýýarlyk ugry boýunça toplan ylmy maglumatlaryna düşünip, olary işinde ulanmagy, zähmeti ylmy nukdaýnazarda guramagy başarmalydyr.

Hünärmen ýokary okuw mekdepde alan bilimini, ylmyny we tejribe taýdan taýýarlygyny yzygiderli ösdürip, kärini kämil bilmelidir, syýasy-jemgyýetçilik pikirini çuňlaşdyrmak bilen zähmeti ylmy taýdan guramak ýörelgesini önümçilikde ulanmagy başarmalydyr, işgärler toparyna ýolbaşçylyk etmegiň häzirki zaman usullaryna, şeýle hem işgärleriň arasynda syýasy-terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň tärlerine eýe bolmalydyr.

## Hünärmen şu aşakdakylary bilmelidir:

- önümçilik-tehnologiki işleri;
- guramaçylyk-dolandyryş işlerini;
- ylmy-barlag işleri.

## Hünärmen şu aşakdakylary başarmalydyr:

- nazary we amaly meseleleri çözmekde ylmy-nazary bilimlerini peýdalanmagy;

- ulgamlaýyn we deňeşdirme seljermegi;
- derňew endiklerini bilmegi;
- özbaşdak işlemegi;
- täze pikirleri döretmegi;
- meseleleri çözmekde dersara çemeleşmelere eýe bolmagy;
- maglumatlary dolandyryş, kompýuter bilen işlemek, tehniki enjamlardan baş çykarmak bilen baglanyşykly endiklere eýe bolmagy;
- dil we hat kommunikasiýalaryň ukyplaryna eýe bolmagy;
- ömrüniň dowamynda okamaga, öz başarnyklaryny ýokarlandyrmagy;
- tebigy-ylmy dersleriň esasy kanunlaryny öz kär işinde ulanmagy;
- kompýuter tehnikasyny ulanmak bilen maglumat almagyň, ony saklamagyň, gaýtadan işläp bejermegiň esasy usullaryna we serişdelerine eýe bolmagy;
- önümçilik işgärleriniň we ilatyň heläkçilikleriň, weýrançylyklaryň, tebigy betbagtçylyklaryň galdyran mümkin bolan netijelerinden goranmagyň esasy usullaryny amala aşyrmagy;
- ykdysady nazaryýetiň esasy düzgünlerinden baş çykaryp bilmegi, olary bazar ykdysadyýetini hasaba almak bilen ulanmagy;
- raýatlyk häsiýetine eýe bolmagy;
- sosial ylalaşyga ukyply bolmagy;
- şahslar bilen özara aragatnaşygy ýola goýup bilmegi;
- saglygy goraýyş ukybyna eýe bolmagy;
- tankyda we öz-özüňe tankyda ukyply bolmagy;
- medeni gymmatlyklardan we ýörelgelerden ýerlikli peýdalanmagy;
- önümçilikdäki tehnologiki hadysalaryň daşky gurşawa ýetirýän täsirlerine seljerme bermäge;
- oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmegiň tehnologiýasyny amal etmäge hem-de topraklaryň gurplulygyny ýokarlandyrmaga;
- tebigy baýlyklary goramakda we tygşytly peýdalanmakda ýüze çykýan ekologiki meseleleri çözmäge;
- ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýalary aýdyňlaşdyrmaga we oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmekde döwrebap usullary iş ýüzünde ornaşdyrmaga;
- topragyň agroekologiki, agrohimiki kartalaryny we kartogramlaryny düzmäge;
- ösümliklere, topraklara, dökünlere we meliorantlara agroekologiki baha bermäge;
- toprak materiallarynyň we agrolandşaftlaryň agrohimiki hem-de ekologiki ýagdaýyny seljermäge;
- topragyň hasyllylygyny we ýerleriň eroziýa garşylygyny gorap saklamagyň hem-de ýokarlandyrmagyň usullaryny esaslandyrmaga;

- tejribe netijelerini umumylaşdyrmaga, statistiki taýdan gaýtadan işlemäge we netijeleri çykarmaga.
- oba hojalyk maksatlary üçin ekologiki barlaglary guramaga hem-de olary geçirmek üçin dolandyryş çözgütlerini kabul etmäge;
- önümçilik toparlarynyň işini guramaga, olary dolandyrmaga we oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin agrotehniki tehnologiýalar bilen üpjün etmäge;
- oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmegiň, agrolandşaftlary peýdalanmagyň energetiki we ykdysady netijeliligini kesgitlemäge hem-de ekologiki deňagramlylygy üpjün etmek boýunça çözgütleri kabul etmäge.
- agrolandşaft topraklarynyň hasyllylygyny we eroziýa durnuklylygyny ýokarlandyrmagyň ýollaryny işläp düzmäge;
- ekologiki, agrohimiki we ylmy barlaglary meýilleşdirmäge we geçirmäge;
- ylmy tejribelerde alnan maglumatlary umumylaşdyrmaga we netijeleri çykarmaga;
- bäsleşige ukyply ösümlikçilik önümlerini ösdürip ýetişdirmäge hem-de öňdebaryjy tehnologiki tilsimleri amal etmek boýunça maslahatlary bermäge;
- ýörite edebiýatlary we beýleki ylmy-tehnologiki maglumatlary, oba hojalyk ylmynda ýerli we daşary ýurtlaryň gazananlaryny öwrenmäge.

Kär häsiýetnamasynyň ähli şertlerini şu hünär boýunça hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdebi hem-de dolandyryjy guramalar gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidir. Kär häsiýetnamasy hünärmenleri taýýarlaýan bilim edaralarynyň, hünärmeniň hünär derejesini ýokarlandyrýan edaralaryň okuw meýilnamasyny düzmekde esasnama we iş ýazgysy bolup hyzmat etmelidir.

Kär häsiýetnamasyna ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna esaslanan üýtgetmeler we goşmaçalar diňe Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň ylalaşmagy esasynda girizilip bilner.